**Türkmenistanyň Merkezi banky**
Центральный банк Туркменистана
Central Bank of Turkmenistan

# BANK HABARLARY
## БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК
## BANKING BULLETIN

**2026-njy ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna**
на 1 мая 2026 года
as of May 1, 2026

**Aşgabat 2026**

# Mazmuny / Содержание / Content


## HABARLAR / НОВОСТИ / NEWS

«INKASSASIÝA GULLUGYNYŇ IŞLERINIŇ GURNALYŞY» ATLY OKUW MASLAHATY GEÇIRILDI 3

«MAKROYKDYSADY SELJERIŞ WE MALIÝE SYÝASATY» ATLY OKUW MASLAHATY GEÇIRILDI 4

«BANKLARDA BUHGALTERÇILIK HASABA ALNYŞY WE MALIÝE HASABATLYLYGY» ATLY OKUW MASLAHATY GEÇIRILDI 4

«TÜRKMENISTANYŇ KARZ EDARALARYNDA KASSA AMALLARYNA GÖZEGÇILIK» ATLY OKUW MASLAHATY GEÇIRILDI 5

BANK IŞGÄRLERINIŇ ARASYNDA WELOSIPED SÜRMEK BOÝUNÇA BÄSLEŞIKLI SPORT ÇÄRESI GEÇIRILDI 6

BANK IŞGÄRLERINIŇ ARASYNDA SPORTUŇ ÝEŇIL ATLETIKA GÖRNÜŞI BOÝUNÇA «BANK 2026» KUBOGYNY ALMAK UGRUNDA BÄSLEŞIKLI SPORT ÇÄRESI GEÇIRILDI 7

## SELJERIŞ MAKALALARY
## АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ / ANALYTICAL ARTICLES

YLYM-BILIM-ÖNÜMÇILIK ARABAGLANŞYGYNY KÄMILLEŞDIRMEGIŇ USSAT HÜNÄRMENLERI TAÝÝARLAMAKDAKY ORNY 8

BANK ULGAMYNDA KARZ SERIŞDELERINI NETIJELI ULANMAGYŇ HÄZIRKI ZAMAN USULLARY 10

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY
## АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ / ANALYTICAL MATERIALS

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
DEVELOPMENT TRENDS OF THE BANKING SYSTEM OF TURKMENISTAN 14

TABLISALAR / ТАБЛИЦЫ / TABLES 16

# «INKASSASIÝA GULLUGYNYŇ IŞLERINIŇ GURNALYŞY» ATLY OKUW MASLAHATY GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň 6-8-nji apreli aralygynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Inkassasiýa müdirliginiň işgärleri üçin Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde «Inkassasiýa gullugynyň işleriniň gurnalyşy» atly hünäri ýokarlandyryş okuw maslahaty geçirildi.

Okuw maslahatynyň dowamynda bu müdirligiň işini kadalaşdyryjy gözükdirijiler we düzgünnamalar, banklary nagt pullar bilen berkitmegiň we gymmatlyklary daşamagyň tertibi, banklaryň düzüm birliklerine nagt pullary eltip bermegiň tertibi, inkassatorlaryň jogapkärçiliginde gymmatlyklary saklamagyň tertibi, nagt pullary we gymmatlyklary inkassirlemegiň tertibi, guramanyň, bankyň pulhana işgärini gorag astynda ugratmagyň tertibi, banklaryň müşderilerine nagt pullary eltip bermegiň tertibi barada çykyşlar diňlenildi. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Inkassasiýa müdirliginiň inkassatorlarynyň, ýörite awtoulag sürüjileriniň we Howpsuzlyk bölüminiň işgärleriniň işiniň tertibi hakynda düzgünnamanyň düzgünleri, durmuşda gabat gelýän dürli hadysalarda zerur bolan ilkinji lukmançylyk kömegi bermegiň düzgünleri, Inkassasiýa müdirliginde aragatnaşyk serişdelerini ulanmagyň düzgünleri barada giňişleýin gürrüň berildi we bu ugurlarda gyzyklandyrýan soraglar boýunça bank wekilleri özara pikir alyşdylar.

Meýilnama laýyklykda geçirilen okuw maslahatyna 20-den gowrak bank işgäri gatnaşdy.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# «MAKROYKDYSADY SELJERIŞ WE MALIÝE SYÝASATY» ATLY OKUW MASLAHATY GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň 6-10-njy apreli aralygynda bank ulgamynyň hünärmenleri üçin «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde «Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty» atly hünäri ýokarlandyryş okuw maslahaty geçirildi.

Geçirilen okuw maslahatynda halkara guramalaryň berýän makroykdysady bahalary, Türkmenistanda we daşary ýurtlarda bank ulgamynyň dolandyryş aýratynlyklary, bank amallaryny seljermegiň aýratynlyklary, pul-karz we maliýe syýasaty olaryň aýratynlyklary, gymmat bahaly kagyzlar we obligasiýalar, maliýe krizisleri: aýratynlyklary we sebäpleri, dünýä ykdysadyýetiniň ösüşi ýaly çykyşlar diňlenildi.

Hünär etikasy we bank-müşderi gatnaşyklarynyň hukuk esaslary, bankyň müşderilerini häsiýetlendirmegiň ölçegleri we daşary ýurt tejribesi, banklar bilen müşderileriň häzirki zaman





ösüş meýilleri, maliýe programmirlemek ýaly ugurlarda gyzyklandyrýan soraglar boýunça bank wekilleri özara pikir alyşdylar.

Döwlet gullukçylarynyň esasy wezipesi hem raýatlar bilen gönüden-göni baglanyşykly bolup durýar. Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!», Hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» atly ýörelgelerinden ugur alyp, döwlet edaralarynyň gullukçylarynyň esasy wezipesi raýatlara mynasyp hyzmat etmek bolup durýar. Bu öz gezeginde islendik edaranyň işiniň ilerlemegine hem itergi berýär.

Bank işgäriniň hünär ussatlygyna we etikasyna eýerip, müşderilere ýokary derejede hyzmat etmegi bank işiniň netijeliligini ýokarlandyrmaga ýardam berýär. Bu ýerde bank işgäriniň guramaçylyk ukybyny we müşderilere hyzmat etmegiň medeniýetini bahalandyrmak esasy wezipeleriň biri hasaplanylýar.

Bank ulgamynyň işini kämilleşdirmek boýunça kabul edilen kadalaşdyryjy hukuknamalar, müşderilere hyzmat etmegiň döwrebap usullary, bank işgärleriniň hünärini kämilleşdirmek boýunça daşary ýurt tejribelerini paýlaşmak geçirilen okuw maslahatynyň esasyny düzdi.

Meýilnama laýyklykda geçirilen okuw maslahatyna bank ulgamynyň 30-a golaý wekili gatnaşdy.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**



# «BANKLARDA BUHGALTERÇILIK HASABA ALNYŞY WE MALIÝE HASABATLYLYGY» ATLY OKUW MASLAHATY GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň 20-24-nji apreli aralygynda banklaryň baş buhgalterleri we olaryň orunbasarlary, Buhgalter hasaby we hasabatlar bölümleriniň hem-de maliýe hasabatlaryny taýynlamak bilen meşgullanýan bölümleriniň hünärmenleri üçin «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde «Banklarda buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy» atly hünäri ýokarlandyryş okuw maslahaty geçirildi.

Okuw maslahatynyň dowamynda banklarda maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna laýyklykda işleriň gurnalyşy, aýratynlyklary we umumy ähmiýeti, buhgalterçilik hasaba alnyşynda

kadalaşdyryjy hukuk namalar, banklarda buhgalter hasabynyň hasaplarynyň meýilnamasy we ony ulanmak boýunça görkezmeler, bank hasabyny açmagyň, gaýtadan resmileşdirmegiň we ýapmagyň tertibiniň resmileşdirilişi, esasy serişdeler we ulanyş tutumyny hasaplamagyň aýratynlyklary, maddy däl aktiwleri hasaba almagyň aýratynlyklary barada giňişleýin gürrüň berildi.

Bulardan başga-da geçirilen okuw maslahatynyň dowamynda maliýe hasabatlarynyň halkara standartlaryna laýyklykda düzülen ýyllyk maliýe hasabaty, zähmet haklarynyň we gaýry tölegleriň hem-de olardan tutulýan tutumlaryň hasaplanylyşynyň tertibi, hasaby we onuň bilen bagly üýtgetmeler, bank ulgamynda iş sapary bilen baglanyşykly amallaryň buhgalterçilik hasaba alnyşynyň hasaplarynda görkezmek, bank ulgamynyň buhgalterçilik hasaba alnyşynda ulanylýan ilkinji hasaba alyş resminamalaryň aýratynlyklary boýunça bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar.

Bank ulgamynyň işini kämilleşdirmek boýunça kabul edilen kadalaşdyryjy hukuknamalar, müşderilere hyzmat etmegiň döwrebap usullary, bank işgärleriniň hünärini kämilleşdirmek boýunça daşary ýurt tejribelerini paýlaşmak geçirilen okuw maslahatynyň esasyny düzdi.

Meýilnama laýyklykda geçirilen okuw maslahatyna bank ulgamynyň 30-a golaý wekili gatnaşdy.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# «TÜRKMENISTANYŇ KARZ EDARALARYNDA KASSA AMALLARYNA GÖZEGÇILIK» ATLY OKUW MASLAHATY GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň 20-24-nji apreli aralygynda banklaryň Kassa amallary bölümleriniň müdirleri üçin Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde «Türkmenistanyň karz edaralarynda kassa amallaryna gözegçilik» atly hünäri ýokarlandyryş okuw maslahaty geçirildi.

Okuw maslahatynyň dowamynda banklaryň pulhana bölüminiň taslamasyny taýýarlamaga we gurmaga bildirilýän talaplaryň düzgünleri barada düşünje, banklaryň edara binalaryny gorag-ýangyn, howsala duýduryjy we wideogözegçilik tehniki serişdeleri bilen enjamlaşdyryp goragyny güýçlendirmek boýunça Gönükdirme barada düşünje, banklaryň giriş-çykyş düzgünleri we banklaryň gorag üpjünçiligi barada düşünje, nagt pullary we gymmatlyklary inkassirlemegiň tertibi, guramanyň, bankyň pulhana işgärini gorag astynda ugratmagyň tertibi, girdeji we çykdajy pulhanalarynda amallary geçirmegiň tertibi, gaýtadan sanaýyş pulhanalarynyň işiniň tertibi, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň pul belgileriniň tölege ukyplylygynyň alamatlaryny kesgitlemegiň we olary çalyşmagyň tertibi, ýurduň milli pulunyň hakykylygyny anyklaýan gorag alamatlary, tölege ukypsyz, hakyky däl, şübheli pul belgileri bilen işiň gurnalyşy, nagt pullar bilen bagly işi gurnamagyň tertibi, nagt pullaryň taýýarlanylyşy we gaplanylyşy, pullaryň we beýleki gymmatlyklaryň saklanylyşynyň, hasaba alnyşynyň we pul gaznasynyň gapysynyň açylyş we ýapylyş tertibi, bankomatlar ulanylanda nagt pullar bilen işlemek ýaly çykyşlar diňlenildi, şeýle hem bank işgärleriniň hünärini kämilleşdirmek boýunça daşary ýurt tejribeleri paýlaşyldy.

Meýilnama laýyklykda geçirilen okuw maslahatyna 20-den gowrak bank işgäri gatnaşdy.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# BANK IŞGÄRLERINIŇ ARASYNDA WELOSIPED SÜRMEK BOÝUNÇA BÄSLEŞIKLI SPORT ÇÄRESI GEÇIRILDI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda berkarar döwletimizde köpçülikleýin bedenterbiýäni, welosipedli ýörişleri, bäsleşikli sport we sagdyn durmuş, medeni çäreleri, awtoulagsyz günleri geçirmek däbi has-da dabaralanýar. Bu çäreler ýurdumyzyň geljegi bolan berk bedenli, sagdyn ýaş nesilleri zähmetsöýerlik, gujur-gaýratlylyk, başarjaňlyk ruhunda terbiýelemäge uly ýardam berýär.

Ynsan saglygyna oňyn täsir edýän, ekologik taýdan iň arassa ulag serişdesi bolan welosiped sürmegiň täze taryhy döwrümizde ýurdumyzda köpçülikleýin häsiýete eýe bolmagy ilatymyzyň sportuň bu görnüşine bolan höwesini ýokarlandyrýandygyny alamatlandyrýar.

Döwlet derejesinde geçirilýän bedenterbiýe-sport we sagdyn durmuş-medeni çärelerine ýurdumyzyň beýleki pudaklary bilen bir hatarda bank ulgamy hem işjeň gatnaşýar.

2026-njy ýylyň 18-nji aprelinde Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» paýdarlar täjirçilik bankynyň guramagynda bank ulgamynyň işgärleriniň arasynda «Aşgabat» köpugurly stadionynda welosiped sürmek boýunça bäsleşikli sport çäresi geçirildi.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygy mynasybetli geçirilen çekeleşikli bäsleşikde gatnaşyjylaryň arasynda iň gowy netijeleri görkezen ýeňijiler şu aşakdaky tertipde kesgitlenildi:

I orun — Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň işgäri Kuwwatgeldi Çaryýew;

II orun — Türkmen-türk paýdarlar täjirçilik bankynyň işgäri Sapa Ataýew;

III orun — Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň işgäri Rüstem Öwezmämmedow.

Bäsleşikde öňdebaryjy orunlara mynasyp bolan bank işgärlerine höweslendiriji sowgatlar gowşuryldy.

Bäsleşigi geçirmegiň esasy maksady ýurdumyzda sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmek we bank hünärmenleri bedenterbiýe bilen meşgullanmaga yzygiderli çekmek bolup durýar. Şeýle başlangyçlar ýurdumyzda köpçülikleýin bedenterbiýäni ösdürmek boýunça syýasaty durmuşa geçirmegiň çäklerinde yzygiderli geçirilýär.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**



# BANK IŞGÄRLERINIŇ ARASYNDA SPORTUŇ ÝEŇIL ATLETIKA GÖRNÜŞI BOÝUNÇA «BANK 2026» KUBOGYNY ALMAK UGRUNDA BÄSLEŞIKLI SPORT ÇÄRESI GEÇIRILDI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallary netijesinde diýarymyzda «Sagdyn bedende — sagdyn ruh» diýen kämil ýörelgä eýerilýär. Adam saglygyna jemgyýetiň iň gymmatly baýlygy hökmünde garalýar, ýurdumyzda berk bedenli, sagdyn ruhly ýaş nesilleri kemala getirmek ugrunda giň gerimli işler durmuşa geçirilýär.

2026-njy ýylyň 25-nji aprelinde 2026-njy ýyl «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilmegi mynasybetli bank ulgamynyň işgärleriniň arasynda sportuň ýeňil atletika görnüşi boýunça «Bank 2026» kubogyny almak üçin bäsleşikli sport çäresi geçirildi.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň guramagynda örän çekeleşikli geçirilen bäsleşigiň netijeleri boýunça ýeňiji bolanlara bäsleşigiň gymmatbahaly sowgatlary şu aşakdaky tertipde gowşuryldy:

I orun — Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik bankynyň topary;

II orun — Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň topary;

III orun — Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň topary;

Bäsleşik Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň «Aşgabat» köpugurly stadionynda geçirildi.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**






## SELJERIŞ MAKALALARY

# YLYM-BILIM-ÖNÜMÇILIK ARABAGLANŞYGYNY KÄMILLEŞDIRMEGIŇ USSAT HÜNÄRMENLERI TAÝÝARLAMAKDAKY ORNY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek boýunça maksatnamalaýyn işler üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Mälim boluşy ýaly, 2024-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda Gahryman Arkadagymyzyň ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde öňe sürlen teklipleri ýerine ýetirmäge bagyşlanyp iş maslahaty geçirildi. Maslahatyň gün tertibi boýunça birnäçe soraglar ara alnyp maslahatlaşylyp, olaryň içinde ýokary okuw mekdeplerinde ylym-bilim-önümçilik arabaglanşygynyň kämil usulyny döretmek baradaky meselä möhüm wezipe hökmünde garalyp geçildi.

Gahryman Arkadagymyz mejlisde öz eden taryhy çykyşynda ýurdumyzda ýaşlara bilim bermegiň usulyýetini has-da kämilleşdirmek, ýaşlary ylymly, bilimli, ussat hünärmenler edip ýetişdirmek we olaryň dünýä ylmyna çuňňur aralaşmaklaryna giň ýol açmak barada parasatly pikirleri öňe sürdi.

Maslahatda bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de işjeňleşdirmegiň möhümdigi barada bellenilip, häzirki döwürde ýurdumyzda ýaşlaryň özleriniň saýlap alan hünärlerine eýe bolmaklary we ukyp-başarnyklaryny açyp görkezmekleri üçin zerur bolan ähli şertleriň döredilýändigi we bu ugurda döredilen mümkinçiliklerden netijeli peýdalanmakda ähli zerur bolan tagallalaryň edilmelidigi barada nygtaldy.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaşlaryň durmuşyň dürli ugurlaryndan baş alyp çykarmaklary üçin olara berilýän ylmyň, bilimiň we terbiýäniň döwrebap bolmagy, okuw mekdeplerinde her bir tälim berýän mugallymyň ösüp gelýän ýaş nesillerimizi durmuşa watansöýüjilik ruhunda terbiýelemekde we olaryň hünär ussatlygyny kämilleşdirmekde alyp barýan göreldeli işlerine hemme taraplaýyn we örän jogapkärçilikli çemeleşmekleri hem-de talyplara nazaryýetde berilýän bilimleri önümçilik bilen arabaglanşykly utgaşdyrylyp, bu ugurda kämil ulgamyň döredilmegi ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamynyň öňünde möhüm wezipeleriň biri bolup durýar.

Ýurdumyzda döwlet derejesinde ýaş nesiller barada edilýän alada özüniň oňyn netijesini berýär. Watanymyza, halkymyza, pederlerimiziň ajaýyp ýörelgelerinden ugur alýan milli däp-dessurlarymyza wepaly, ruhubelent, bilim almaga, hünär öwrenmäge, zähmet çekmäge höwesli ýaşlary kemala getirmek maksady bilen, «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasynyň» kabul edilmegi, öz gezeginde bilim edaralaryny ýokary hilli elektron bilim maglumatlar bilen üpjün etmäge, berilýän bilimiň mazmunyny döwrebap baýlaşdyryp, hilini has-da ýokarlandyrmaga möhüm şert döretdi.

Häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda döwletimiz tarapyndan bilim ulgamyny ösdürmek ugrunda tagallalaryň edilmegi, watanymyzyň röwşen geljegi bolan bagtyýar ýaşlarymyzyň ýokary aň-düşünjeli, sowatly nesiller bolup kemala gelmekleri we ýurdumyzyň bilim ulgamynyň dünýä derejesindäki ösüşlere beslenmegi üçin täze mümkinçilikleri döredýär.

Mälim boluşy ýaly, bazar gatnaşyklary şertlerinde bank ulgamy tiz ösýän ugur bolmak bilen aýratyn-da ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde bu ugurdan bilim alýan ýaşlara ylym-bilim-önümçilik arabaglanşygynyň kämil usulyny döretmek üçin ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň baý iş tejribelerine, şeýle-de ýurdumyzyň karz edaralarynyň iş tejribeleri bilen arabaglanyşygy has-da

işjeňleşdirip, köpugurly we toplumlaýyn çäreleriň işlenip taýýarlanylmagy zerur bolup durýar.

Bilim ulgamynda hünärleriň bakalawr we magistr derejesine geçirilip, okadylýan dersleriň köpugurly esasda ýola goýulmagy, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde, aýratyn-da bank işi ugry boýunça işlenilip taýýarlanylýan okuw maksatnamalarda talyplaryň önümçilige tiz uýgunlaşmaklaryny gazanmak maksady bilen, özbaşdak işler boýunça berilýän sagat sanlarynyň möçberiniň artdyrylmagy öz gezeginde bu ugurdan ozaldan hereket edip gelýän okuw gollanmalaryny, meseleler ýygyndylaryny we barlag-gözegçilik soraglaryny önümçilik bilen utgaşdyrylan tertipde kämilleşdirip, täze döwrebap usullarda işläp taýýarlamaklygy bilim ulgamynyň öňünde möhüm wezipe edip goýýar.

Bilim ulgamy bilen önümçilik arabaglanşygynyň kämil usulynyň döredilmegi we işleriň sazlanşykly ýola goýulmagy üçin ilkinji nobatda bu ulgamlaryň arasynda ýola goýuljak hyzmatdaşlygyň hukuk binýadynyň berkidilmegi möhüm bolup durýar. Şunuň billen baglylykda, ýurdumyzyň karz edaralary bilen ýokary okuw mekdepleriniň (şol sanda bu ugurdan ýörite bilim berýän okuw mekdepleriniň) arasynda özara hyzmatdaşlyk etmek baradaky gatnaşyklary Baş şertnama baglaşmak arkaly ýola goýulsa we baglaşyljak şertnamada taraplaryň hukuklaryny, borçlaryny we gaýry şertleri taraplara ygtybarly esasda kesgitlemek arkaly ýola goýulsa, bu ugurdaky işleriň tiz kämilleşdirilmegine özüniň oňyn täsirni ýetirer.

Baş şertnamanyň mazmunynda, zerurlyk bar bolsa önümçilkdäki şahamçany döretmek, okuw kitaplaryny we okuw gollanmalaryny, meseleler ýygyndysyny we ylmy işleri işläp taýýarlamakda birek-birege ýakyndan ýardam bermek, bilelikde işläp taýýarlamak, ylmy-amaly işlere işjeň gatnaşmak, bilelikde okuwlary we seminarlary (şol sanda teleköpri arkaly) guramak, professor mugallymlaryň teklibi boýunça olar tarapyndan işlenilip taýýarlanylýan okuw meýilnamalary we okuw maksatnamalary kämilleşdirmäge zerur bolan teklipleri bermek, professor mugallymlaryň umumy we amaly sapaklaryna gatnaşmak, tejribe alyşmak, bankyň bellenen hünärmenleri tarapyndan bank işi ugrundan bilim berilýän toparlara önümçilikden halypalyk etmek, okuw sapaklaryny geçirmegiň usulyýetini kämilleşdirmek we netijeliligini has-da ýokarlandyrmak boýunça degişli teklipleri bermek, bank işindäki bank syry bolup durmaýan maglumatlar we täzelikler bilen professor mugallymlary we talyplary yzygiderli üpjün etmek, synaglara (şol sanda döwlet synaglaryna) gatnaşmak we synaglardan üstünlikli tapawutlanyp geçen talyplary iş bilen üpjün etmek we beýleki şertler göz öňünde tutulsa maksadalaýyk bolar.

Häzirki döwürde ýurdumyzyň banklarynda talap edilýän şertlere laýyklykda, hünärmenleriň ilkinji iş başlangyçlaryny ýurdumyzyň täjirçilik banklarynda başlatmak arkaly kämilleşdirmegiň göz öňünde tutulýandygy sebäpli, banklar bilen bilim edarasynyň arasynda baglaşyljak Baş şertnama her bir karz edarasyna özüniň gelejekki hünärmenine hünär ussatlygyny kesgitlemek-





de gollanylýan dürli usullardan we tärlerden peýdalanmak arkaly hünär synaglaryndan özbaşdak geçirip, baha bermäge we olary saýlap-seçip işe kabul etmäge oňyn şertleri döreder.

Şeýlelikde, her bir karz edaralarynyň ýokary we bu ugurdan ýörite orta bilim berýän okuw mekdepler bilen özara hyzmatdaşlyk etmek boýunça şertnamalaýyn gatnaşygyň ýola goýulmagy, milli däp-dessurlarymyza laýyk gelýän halypa-şägirtlik ýoluny ösdürmäge, karz edaralar özleriniň gelejekki hünärmenlerini işe kabul etmezden ozal, olaryň ukyp-başarnyklaryna deslapdan doly göz ýetirmäge, hünär talaplarynyň mynasyp derejede amala aşyrylmagy üçin bank işiniň etiki kadalaryny we köpçülikde özüni alyp baryş düzgünleri boýunça bildirilýän talaplara laýyk gelýän giň dünýä garaýyşly, halal we zähmetsöýer, Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan içeri we daşary syýasatlaryna doly düşünip goldaýan talyplary saýlap-seçip işe kabul etmäge giň mümkinçilik gazanarlar.

**Annadurdy MELÄÝEW,**
Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik bankynyň
Maliýe müdirliginiň Ykdysady görkezijileri seljeriş
we metodologiýa bölüminiň baş hünärmeni

# BANK ULGAMYNDA KARZ SERIŞDELERINI NETIJELI ULANMAGYŇ HÄZIRKI ZAMAN USULLARY

Bank ulgamynda karz serişdeleriniň netijeli ulanylyşyna baha bermegiň usuly belli bir wagt aralygyndaky maýa goýum çykdajylary we maýa goýmakdan gelýän girdejileri görkezmek, ýagny degişli görkezijileriň hasaplanmagy bilen berk baglanyşyklydyr. Şunlukda, diskontirleme arkaly amala aşyrylýan derejäni saýlap almak has möhüm pursat bolup durýar. Bu ululygy deňeşdirmäniň derejesi diýip atlandyralyň, sebäbi köplenç halatda netijelilige baha bermek hut karz goýumlarynyň görnüşleri deňeşdirilende amala aşyrylýar. Sebäbi belli bir ýagdaýda haýsy derejäni kabul etmek ykdysady garaýyşa ýa-da çaklama degişli işdir.

Bazar şertlerinde, düzgün bolşy ýaly, göterimler ýylda bir gezek däl-de, birnäçe gezek (ýarym ýyl, çärýek, aý boýunça we ş.m.) hasaplanylýar. Ýylda hasaplanyp goşulan göterimler ylalaşygyň şertlerinde hökman bellenilýär. Mundan başga-da, onda göterimleriň ýyllyk derejesi görkezilýär we ol nominal dereje (j) diýlip atlandyrylýar. Nominal dereje (stawka) her döwürde hakykatdan-da hasaplanýan derejäni kesgitlemek üçin esas bolup durýar. Eger nominal dereje (j) deň bolsa, onda döwürleriň hersinde göterimler j/m dereje boýunça hasaplanylýar, bu ýerde m - ýylda hasaplanyp goşulan göterimleriň galyndysyz bölünişini görkezýär. Dünýä tejribesinde j/m dereje relýatiw (otnositel) diýlip atlandyrylýar.

Dereje esasan, wagta degişli ýagdaýa bagly bolup durýar: ol näçe ýokary bolsa, garaşmaly tölegler serişdeleriň akymynyň bu ululygyna ýetirýän täsiri barha azalýar. Görnüşi ýaly, karz goýumlaryndan alynýan girdejileriň ululyklarynyň bu möçberleri şertli häsiýetnama bolup durýar, çünki ol esasan, deňeşdirmegiň geljek üçin kabul edilen derejesine baglydyr. Emele gelen anyk ýagdaýa baglylykda, wagta degişli ýagdaý üýtgäp biler hem-de belli bir şertlerde makul görlen ýagdaýlar başga bir şertlerde şonuň ýaly bolman biler.

Karz serişdelerini netijeli ulanmagyň usullaryna su aşakdakylar degişlidir:

Netijeli göterim dereje usuly (Dnet), munuň özi ýylyň dowamynda bir pul birliginden alynýan

hakyky peýdany aňladýar. Başgaça aýdylanda, göterim ýylda m gezek hasaplanyp goşulanda, netijeli dereje nominal derejä ekwiwalentdir. Ol haýsy ýyllyk derejäniň j/m dereje boýunça ýylda m gezek artdyrylanda, şol netijäni berýändigini görkezýär. Netijeli dereje (Dnet) aşakdaky deňlik boýunça kesgitlenilýär:

S=P(1+Dnet)a+b ( 1)

bu ýerde S –berginiň artdyrylan möçberi;

P – berginiň möçberi;

a – doly ýyllaryň sany;

b – belli bir döwürde hasaplap goşmagyň drob bölegi.

Deňlikden şu ýagdaý gelip çykýar:

Dnet = (a+b√(S/P)) – 1. ( 2)

Gazanylan arassa girdejiniň görkezijisi (Gag) karz işiniň umumy absolýut netijesini, onuň ahyrky netijesini häsiýetlendirýär. Gazanylan sap girdeji diýlip wagtyň şol pursatynda girdejiniň we karz goýumlarynyň diskontirlenen görkezijileriniň tapawudyna düşünilýär. Eger girdejiler we karz goýumlary girdejileriň serişdeleriniň akymy görnüşinde görkezilse, onda getirilen arassa girdeji bu akymyň şol ululygyna deňdir. Gazanylan arassa girdejiniň görkezijisi (Gag) netijeliligiň ölçegleriniň köpüsini kesgitlemek üçin esas bolup hyzmat edýär.

Şeýlelikde, gelip gowuşýan serişdeleriň akymy Rt ululyk arkaly häsiýetlendirilýär diýeliň, ol položitel hem-de otrisatel bolup biler. Deňeşdirilýän dereje q deň bolanda, aşakdaky netije gelip çykýar:

Gag =∑ Rtvt (3)

bu ýerde: Rt – tölegleriň akymynyň möçberi;

v - q dereje (deňeşdirmegiň derejesi) boýunça diskontly köpeldiji;

t - döwür aralygy.

Karz boýunça harajatlaryň we ondan gelýän girdejileriň arassa gazanylan girdejä (Gag) täsirini aşakdaky görnüşde has aýdyň görkezmek bolar:

$$Gag = \sum_{j=1}^{n2} Ejvi+n1 - \sum_{t=1}^{n1} Ktvt \quad (4)$$

bu ýerde: Kt - t döwürdäki karz çykdajylary;

Ej - j,t =1,..., n1, j=1,…, n2 döwürdäki girdeji;

j – nominal dereje;

t – wagtyň aralyk pursaty;

n1 – karz amalynyň dowamlylygy;

n2 – karzyň netije berýän döwrüniň dowamlylygy.

Gazanylan arassa girdejiniň (Gag) görkezijisine görä, netije gazanmagyň barşyny karz amaly tamamlanandan soň kesgitlemek göz öňünde tutulýar. Eger bu işde öz wagtlyk gijikdirilmegine garaşmaly bolsa (netije karz geleşigi amala aşyrylyp başlanandan soňra n döwür geçenden soňra gazanylyp başlananda, ýagny n > n1 bolsa), onda diskontly köpeldijiniň j + n1 derejesiniň deregine j + n ulanmak gerek.

Gazanylan arassa girdejiniň (Gag) görkezijisiniň mazmunyna aşakdaky mysal arkaly düşünmek bolar. Mysal üçin, karz goýumlary dolulygyna çekilen serişdeleriň hasabyna amala aşyrylýar, karz bolsa deneşdirmegiň derejesi (q) boýunça berlen diýeliň. Şeýle hem gündelik girdeji boýunça göterimleri artdyrmak şol dereje boýunça amala aşyrylýar diýeliň. Şunuň ýaly ýagdaýda gazanylan arassa girdeji (Gag) karz serişdelerinden wagtyň başlangyç pursatynda garaşylýan

sap girdeji bolup durýar. Gazanylan sap girdejiniň görkezijisi degişli möçberleri karz amalynyň başlanýan wagty bilen baglanyşdyrmak arkaly kesgitlenýär. Şol bir wagtda karz goýumlaryny gönükdirmek amalynyň tamamlanan pursatyna iş ýüzünde baha bermäge mümkinçilik döreýär.

Muny formula görnüşinde aşakdaky ýaly görkezmek bolar:

Gag(t) = (Gag) (o) (1+ q) t (5)

bu ýerde Gag (o) we Gag (t) - karz amalynyň başynda we (t) wagtyň kesgitlenen döwri boýunça hasaplanan gazanylan arassa girdejiniň ululyklarydyr. Beýan edilen kesgitlemeden (formuladan) görnüşi ýaly, karz amallary deňeşdirilende, has amatly görnüş äşgär edilýär.

Göterimiň derejesi ýokary bolanda, garaşmaly tölegleriň gazanylan sap girdejä ýetirýän täsiri pesdir. Şoňa görä-de, netijeliligiň dowamlylygyna degişli dürli görnüşler ahyrky ykdysady netije boýunça deň diýen ýaly bolup biler. Netije berýän döwri uzaga çekýän karz amallary ujypsyz artykmaçlyga eýedir, munuň özi ähmiýeti boýunça ileri tutulmaýan haýsydyr bir ýagdaýyň täsiri bilen ýapylyp bilner. Beýleki deňeçer şertlere garanyňda, girdejileriň gelip gowuşýan döwri has uzaga çeken mahalynda, şonuň ýaly döwür üçin berilýän karzlar ileri tutulýar.

Karz goýumlarynyň netijeliligine baha berlende, köplenç girdejililigiň içerki ölçegine degişli görkezijiden (Giö) peýdalanylýar. Girdejililigiň içerki ölçegi diýlip, berlen karz üçin alnan göterimleriň hasaplanýan derejesine düşünilýär, şunda karza degişli ýagdaýlar (girdejililigiň içerki ölçegine deň bolan dereje boýunça karz göterimleriniň jemine görä hasaplanyp goşulanda) özüni ödeýän amallar bolup durýar. Bu dereje näçe ýokary boldugyça, karz goýumlarynyň netijeliligi şonça-da artýar. Girdejililigiň içerki ölçeginiň görkezijisi (Giö) has amatsyz şertlerde nola deň we hatda otrisatel bolup biler.

Karz goýumlary diňe çekilen serişdeleriň hasabyna amala aşyrylýar, üstesine-de, karz göterimleriň netijeli derejesi (Dnet) boýunça alnan bolsa, onda girdejiniň içerki ölçeginiň we göterimleriň netijeli derejesiniň (Giö-Snt) tapawudy telekeçilik işiniň (karz alyjynyň işiniň) netijeliligini görkezýär. Netijeli dereje deň bolan girdejililigiň içerki ölçeginde (Giö=Dnet) girdeji diňe karz goýumlarynyň harajatlaryny ödeýär. Girdejililigiň içerki ölçegi netijeli derejeden (stawkadan) az bolanda (Giö< Dnet), goýumlar çykdajyly bolýar. Şeýlelikde, girdejililigiň içerki ölçeginiň derejesi Giö täjirçilik bankynyň karz serişdelerini häsiýetlendirýän içerki maglumatlar arkaly dolulygyna kesgitlenilýär.

Düşewüntliligiň görkezijisi (D) şol bir senede ýüze çykan girdejileriň ýüze çykan harajatlara gatnaşygyny görkezýär. Käwagt düşewüntliligiň görkezijisi (D) girdejililigiň indeksi diýip atlandyrylýar. Bir gezeklik amallary berjaý etmek üçin karz bermegiň barşy aşakdaky ýaly kesgitlenilýär:

D = ∑ Ej vi / K , (6)

bu ýerde: Ej - sap girdejiniň görkezijisi;

vi - i dereje boýunça diskontly köpeldiji;

K – karz amaly.

Karz serişdeleriň käbir akyma öwrülen mahalynda, onda ol aşakdaky kesgitlemä laýyklykda kesgitlenilýär:

D = ∑ Ej vi+n1/ ∑ Mt vt (7)

bu ýerde: Ej – sap girdejiniň görkezijisi;

t=1,..., n1; j=1,..., n2;

Mt – karz boýunça harajatlaryň möçberleri;

vt - bazardaky dereje (stawka) boýunça diskontly köpeldiji.

Eger düşewüntliligiň görkezijisi (D) bire (1) deň bolsa, onda munuň özi karz goýumlarynyň girdejililiginiň girdejiniň içerki ölçeginiň düşewüntlilige degişli kadasyna (normatiwine) laýyk

gelýändigini aňladýar. $D<1$ bolanda karz goýumlary düşewüntsizdir, çünki olar bu kadany üpjün etmeýär.

Karzyň dolanyşygynyň koeffisiýenti (Kdol) seljerilýän döwürde karz boýunça amala aşyrylýan aýlanyşyklaryň ortaça mukdaryny häsiýetlendirýär we aşakdaky kesgitleme boýunça hasaplanýar:

$$Kdol = KD / KGor \qquad (8)$$

bu ýerde, KD – karz hasaplary boýunça karz dolanyşygy (üzmek boýunça aýlanyşyk);

KGor - karzlar boýunça berginiň ortaça galyndysy.

Karzyň ortaça möhleti (t) – karzyň dolanyşygynyň günlerdäki tizligi, aýry-aýry karzlaryň berilmeginiň we üzülmeginiň arasyndaky wagtyň ortaça dowamlylygyny häsiýetlendirýär we aşakdaky ýaly kesgitlenilýär:

$$t = KGor / (KD / G) \quad (9)$$

bu ýerde G – döwürdäki günleriň sany.

Özüni ödeýän möhleti (Söd) - has ýygy-ýygydan ulanylýan görkezijileriň biridir. Wagta degişli ýagdaý hasaba alynmanda, ýagny dürli wagtda alynýan girdejiniň deňeçer möçberlerine deň bahaly diýlip garalanda, özüni ödemegiň möhletiniň görkezijisi aşakdaky formula boýunça kesgitlenilýär:

$$Möd = KB / Gsb , \qquad (10)$$

bu ýerde Möd - özüni ödeýän möhletiniň ýönekeýleşdirilen görkezijisi;

KB – karz serişdeleriniň möçberi;

Gsb – bankyň her ýylky sap girdejisi.

Haçan-da sap girdeji deň ölçegde gelip gowuşmasa, onda özüni ödeýän möhleti sap girdejiniň jemi karz serişdeleriniň möçberine deň bolýança, gelip gowuşýan serişdeleri yzygiderli goşmak we wagt aralygyny hasaplamak arkaly kesgitlenilýär.

Girdejiniň derejesi beýleki deňeçer şertleriň ählisinde karz serişdeleriniň özüni ödemegine getirýär. Eger gelip gowuşýan serişdeleriň hem-de täjirçilik bankynyň karz serişdeleriniň möçberiniň arasyndaky kesgitlenen gatnaşyklar bozulmasa, özüni ödemeginiň möhleti saklanýar. Bu baglanşyklar şu aşakdaky görnüşlere eýe bolup biler:

her ýylky yzygiderli girdejiler gelip gowuşanda - $Gsb > DnetKB$;

yzygiderli girdejiler p ýylda bir gezek gelip gowuşanda -

$Gsb > p((1+ Dnet)1/p-1)KB$;

girdejiler üznüksiz gelip gowuşanda - $Gsb > 1n(1+ Dnet)KB$.

Ýokarda görkezilen talaplar ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda, karz goýumlary kesgitlenen möhletde özüni ödemeýär, şoňa görä-de, bu möhlet tükeniksizlige deňdir.

Şeýlelik-de, karz serişdeleriniň netijeli ulanylmagyna iş ýüzünde baha bermek özara baglanyşykly görkezijileriň ulgamyny guramak esasynda amala aşyrylýar, şol görkezijiler karz goýumlarynyň ýagdaýyny, ösüşini hemmetaraplaýyn häsiýetlendirýär hem-de täjirçilik bankyna karz goýumlarynyň amatly görnüşinden peýdalanylmagyna baha bermäge we ykdysady taýdan esaslandyrmaga mümkinçilik döredýär.

**Hüseýin HAJYGURBANOW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş
institutynyň «Bank işi» kafedrasynyň uly mugallymy

**Sähra BAÝLYÝEWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş
institutynyň «Bank işi» kafedrasynyň mugallymy

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

## Тенденции развития банковской системы Туркменистана

## Development trends of the banking system of Turkmenistan

**2026-njy ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 мая 2026 года

Information on the number of branches of the credit institutions of Turkmenistan as of May 1, 2026




**2026-njy ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**

Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 мая 2026 года

Information on the number of agencies of the credit institutions of Turkmenistan as of May 1, 2026




**2026-njy ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**

Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 мая 2026 года

Number of the exchange bureaus of the credit institutions of Turkmenistan as of May 1, 2026




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**

Структура активов кредитных учреждений, (в %)

Structure of assets of the credit institutions (in %)



№4
2026

TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKY
Центральный банк Туркменистана
Central bank of Turkmenistan

## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)

Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)
Structure of liabilities of the credit institutions(in %)




## 2026-njy ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat

Величина уставного фонда кредитных учреждений
по состоянию на 1 мая 2026 года
Authorized capital size as of 1 May 2026




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Средства на расчетных, текущих счетах и депозтах предприятий, организаций и населения по срокам их размещения (в млн манат)

Funds on the settlement, current, deposit accounts of the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## Karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)

Undrawn credit amounts in national currency of the credits issued to the enterprises, organizations and households, by the forms of the ownership (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн ман)

Distribution of balances of credits with the credit institutions provided to the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## 2026-njy ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)

Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 мая 2026 года (указатели округлены)

Information on the bank cards registered in the bank system of Turkmenistan as of 1 May 2026 (rounded-off)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана
Key performance indicators of credit institutions in Turkmenistan

| GÖRKEZIJILER<br>ПОКАЗАТЕЛИ/INDICATORS | ölçeg birligi<br>ед. измер.<br>measure unit | 01.05.2025 | 01.01.2026 | 01.05.2026 | 01.05.2026<br>01.01.2026-e,<br>%-de | 01.05.2026<br>01.05.2025-e,<br>%-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения<br>Registered credit institutions | sany<br>количество<br>number | **11** | **11** | **11** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda/в том числе/ including: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие<br>- state-commercial | sany<br>количество<br>number | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие<br>- joint-stock commercial | sany<br>количество<br>number | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков<br>- branches of foreign banks | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития<br>- State Development Bank | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Türkmen maýa goýum kompaniýasy<br>- Туркменская инвестиционная компания<br>- Turkmen Investment Company | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений<br>Number of branches of credit institutions | sany<br>количество<br>number | **149** | **149** | **149** | *100,0* | *100,0* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями<br>Number of accounts opened by clients serviced by credit institutions | sany<br>количество<br>number | * | **8 510 622** | * | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений<br>Number of employees of credit institutions | sany<br>количество<br>number | * | **8 507,50** | * | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений<br>Actually formed authorized capital of credit institutions | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **7 511,99** | **7 743,11** | **7 823,04** | *101,0* | *104,1* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте)<br>Balances on correspondent accounts of credit institutions in the Central Bank of Turkmenistan (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **13 929,19** | **15 255,59** | **13 071,08** | *85,7* | *93,8* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению<br>The balance of credits of credit institutions of Turkmenistan in national currency, provided to enterprises, organizations, and the population | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **89 740,12** | **98 556,69** | **99 159,57** | *100,6* | *110,5* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте)<br>Funds at settlement, current accounts and deposits of enterprises, organizations and individuals in credit institutions (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **36 878,34** | **38 461,00** | **34 892,65** | *90,7* | *94,6* |

***Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy***
*Подготовлено Научно-производственным советом /Prepared by the Research Council*

## 2026-njy ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 мая 2026 г.
Information on the number of branches of credit institutions of Turkmenistan as of May 1, 2026

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов<br>Number of brances | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Arkadag<br>Аркадаг<br>Arkadag | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky**<br>Государственный банк внешнеэкономической деятельности Туркменистана<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **3** | 2 | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **52** | 1 | 1 | 8 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **22** | 7 | 1 | 3 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **22** | 4 | | 1 | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **32** | 7 | 1 | 4 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **14** | 2 | 1 | 1 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» / JSCB «Rysgal» | **4** | | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **149** | **23** | **4** | **17** | **24** | **21** | **32** | **28** |

## 2026-njy ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 мая 2026 г.
Information on the number of credit institutions agencies of Turkmenistan as of May 1, 2026

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Gulluklaryň sany<br>Количество агентств<br>Number of agencies | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky**<br>Государственный банк внешнеэкономической деятельности Туркменистана<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **1** | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **7** | | | 1 | 1 | 4 | 1 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **1** | 1 | | | | | |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **1** | 1 | | | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **6** | | 1 | 1 | | 4 | |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmen-Türk PTB**<br>Туркмено-Турецкий АКБ/ Turkmen-Turk JSCB | **7** | 2 | | 1 | 1 | 2 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **24** | **4** | **1** | **4** | **3** | **10** | **2** |

## 2026-njy ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
Информация об уставном фонде кредитных учреждений по состоянию на 1 мая 2026 г.
Information on the authorized capital of credit institutions as of May 1, 2026

müň manat / тыс. манат / thousand manat

| Bellige alnan karz edaralar we beýlekiler<br>Зарегистрированные кредитные учреждения и другие<br>Registered credit institutions and others | Esaslyk maýalarynyň möçberi<br>Размер уставного фонда<br>Size of the authorized capital | Esaslyk maýalaryň umumy möçberinden düşýän paýy, %<br>Уд. вес к итогу, % / Share to total, % |
|---|---|---|
| döwlet täjirçilik banklary<br>государственно-коммерческие банки/state-commercial banks | 3 035 753,9 | 38,8 |
| paýdarlar täjirçilik banklary<br>акционерно-коммерческие банки/joint-stock commercial banks | 1 876 717,9 | 24,0 |
| daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>филиалы иностранных банков/branches foreign banks | 4 571,0 | 0,1 |
| Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития/State Development Bank | 2 850 000,0 | 36,4 |
| Türkmen maýa goýum kompaniýasy<br>Туркменская инвестиционная компания/Turkmen Investment Company | 56 000,0 | 0,7 |
| **Jemi / Всего / Total** | **7 823 042,8** | **100,0** |

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Банковского надзора/ Prepared by Banking Supervision Department*

## 2026-njy ýylyň aprel aýynda TMB-niň karz auksionynda yglan edilen göterim derejeleri
